# Ýolagçylar hekaýaty

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýolagçylar hekaýaty ÝOLAGÇYLAR HEKAÝATY

Ol ýigit atyndan ýykyldy birden,
Agyrdy dyzçanak, agyrdy gerden.

Adamlar üýşdüler onuň daşyna,
Bu iş bir ýolagçyň geldi hoşuna.

“Menden geçen boldy, debsedip atyn,
Häk, boldy-da, alandyr ol almytyn…”

Monça bolup, öz ýanyndan ol kişi,
Baryp diýdi, synlap bu bolan işi:

“Diňläň, munuň sebäbini diýeýin!
Gowşan eken bilçekgisi eýeriň.

Duşumdan geçende gördüm men ony…
Gaty ynjamady, ýykyldy gowy.

Bilçekgini berkiden bolsa eger,
Atdan ýykylmaly bolmazdy meger…” Goşgular